# Ýumurtga ýaran ýylan

Category: Edebi makalalar,Ertekiler,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýumurtga ýaran ýylan ***«Kökler»***

**Awtordan**

*Şu kitaby ýazmagy maňa maslahat beren, dostum, kompazitor Çary Nurymowyň ýagty ýadygärligine.*

*Dürli kitaby okap otyrkaň, seni bent eden faktlary başga biriniň bilmeýän bolmagy ähtimaldyr diýen pikir seriňe gelýär. Şu jähtden ähmiýetli faktlary, şolar bilen bagly özümde dörän sowallary, belli bir derejede olara jogap hökmündäki pikirlerimi, çaklamalarymy beýan eden ýazgylarymyň toplumy 1994-nji ýylda neşir edilen "Merwden Mekgä çenli" diýen kitabyma giripdi. Soňky ýyllarda adamzat siwilizasiýasynyň has irki döwürlerine degişli birnäçe düýpli ylmy eserleri okamagym ýazgylarymy dowam etdirmäge itergi berdi. Gadymyýete häsiýetli täsin alamatlaryň yzlaryny türkmenleriň yrymlarynda, etnografiýasynda, senedinde, sungatynda ap-aýdyň görse bolýar. Şolara siziň ünsüňizi çekjek bolýaryn. Eger meniň tagallam geçmişi öwrenmäge size sähelçe bat berip bilsedi, monça bolardym.*
*Meniň ýazgylarymy ylmy iş hökmünde kabul etmäň olarda ylma laýyk yzygiderliligi hem gözlemäň, men alym däl, ýazyjy, okyjy. Olara okalan kitaplaryň sahypalaryna edilen bellik hökmünde garaň. Bu ýazgylara taryhy miniatýuralar diýseň-de bolar diýip pikir edýärin.*

**ÝUMURTGA ÝARAN ÝYLAN**

Türkmen halylaryna, şaý-seplerine salnan nagyşlara üns beriň. Latyn elipbiýindäki S görnüşli belgä köp ýerde duşarsyňyz. Ol tumarlaryň, asygyň ýüzünde-de bardyr. Zergärler munuň ýaly geometrik şekilli nagyşlara umumylykda islimler diýip at berýärler, olaryň asyl manysynyň nämedigini aýdyň bilmeýärler.

Bu nagyşy haly torbalarda-da, eňsilerde-de görmek bolýar. Ärsary halylaryndaky tazyguýruk atlandyrylýan nagyşam şu belgä meňzeýändir. Salyr halysyndaky S –iň ýatyrlan görnüşine gabat gelinýär. Ariel Golanyň “Mif we simwol” diýen düýpli işine salgylanyp aýtsak, bu nagyş gadymy Kritden tapylan ornamentleriň arasynda-da bar, olar biziň eýýamymyzdan öňki iki müňünji ýyla degişli. Hakykatda onuň gözbaşyny has irki zamanlardan gözlemeli. Neolit döwrüniň, ýagny, öňki eýýämiň 8-4 müň ýyllarynyň simwolikasynda S ýylanyň şekilini aňladypdyr. Dünýäniň döreýşi hakynda Müsüre, Mesopotamiýa (Mawarun- -Nagar), Hindistana, Gresiýa (Ýunanystan), Polineziýa, Hytaýa, (Çynmaçyn) ýaýran gadymy miflere görä, Dünýä okeandaky ýylanyň ýu- murtgasyndan döräpdir, ýa-da ilkinji suwlaryň güýji bilen kosmos ýu murtgasy ýasalýar, ondan ýylan çykýar, ýumurtga ikä bölünýär, bir böleginden Zemin, beýlekisinden Asman döreýär. Başga warianta görä, ýumurtgany guş guzlaýar, ondan ýylan çykanda ýumurtga ikä bölünipdir. Diňe bir nagşyň mysalynda-da eýýäm halylarymyzyň, şaýlarymyzyň ýüzündäki täsinlikleriň syryny açmakdan ötri, olaryň gözbaşyny nirelerden gözlemegiň zerurlygyny aňan bolsaňyz gerek. Mysal näçe diýseň bar, olaryň bir näçesiniň üstünde durup geçeris. Häzirlikçe ýylan bilen bagly söhbetimizi dowam etdireliň.

***

Türkmen ertekilerindäki şer araýan gahrymanlaryň arasynda döw bilen aždarha gara güýje gezek gelende juda zor. Olaryň garşysyna duran gahryman hemişe emel, hile bilen üstün çykýar. Döwüň, aždarhanyň köki nireden? Bize has ýakyn kökleriň biri “Awestadan” söz açmaly bolýar. “Awesta” – “Wesýetnama” gadym eýýämde Eýrana, Orta Aziýa, Owganystana ýaýran zoroastrizmiň-otparazlaryň keramatly kitaplarynyň biri. Bu diniň pygamberine Zaratuştra ýa-da Zerduşt diýýärler. Onuň ady “garry düýeli”, “garry düýäniň eýesi” diýen manyny berýär. Ol biziň eýýämimizden öňki birinji müňýyllykda Gündogar Eýran taýpalarynyň arasyndan dörän adam. Professor Almaz Ýazberdiýewiň “Gadymy Orta Aziýada kitap neşiri” diýen kitabynda getirilýän ylmy çeşmeleriň käbirinde onuň milletiniň

azerbaýjandygy aýdylýar. Zoroastrizm dininiň Orta Aziýadan ýa-da Gündogar Eýrandan çykandygyny gutarnykly tekrarlamak üçin iki üýz ýyl jedel gidipdir. “Awestanyň” gadymy bölegini hudaýlaryň adyna aýdylýan gimnler tutýar, olary pygamber Zerduşt ýazypdyr. Gimnleriň galan bölegine “Kiçi Awesta” diýýärler, bu ýerde mifologik alamatlar ýüze çykýar. Zoroastrizmiň esasy taglymaty Haýyr bilen Şeriň barlyşyksyz göreşinden gözbaş alýar.Hemişe Haýyryň ýeňýändigini tassyk edýär. Haýyryň tarapynda Opmuzd, şeriň tarapynda Ahriman

Zopoastrizm Ahemenileriň, Sasanylaryň, Parflaryň döwründe Eýranyň döwlet dini bolupdyr. Nowruz hem şu diniň beýik baýramlary nyň biri. Türkmen halkynyň däbinde dessurynda oda bolan hormatyň çuňňur mana eýe bolmagyna bu diniň täsiriniň ýetendigini inkär edip bolmaz, sebäbi zoroastrizm oda keramat, arassalygyň, adalatyň alamaty hökmünde garaýar. “Awestanyň” mifologiýasynda döwlere, aždarhalara uly rol degişli. Gadymy pars dilinde Aždarha “Ajidahaka” diýipdirler. Aždarha sözüniň hem şondandygy jedelsiz.”Kiçi Awesta”, “Horda Awesta” diýýärler. Biziň dilimizde-de “horda” di- ýen söz bar, “kiçi, ejiz” diýen manyny berýär.

Zoroastrizmiň taglymaty Haýyr bilen Şeriň göreşine syrygýar diýdik. Türkmen halk ertekileriniň esasy sýužeti hem şu iki güýjüň göreşinde döreýär, ahyrda-da Haýyryň ýeňşi bilen tamamlanýar.

“Awestanyň” gimnlerini okanyňda ondaky ýer-ýurt atlary Türkmenistanyň çägindäki şäherler, derýalar bilen gabatlaşýar. Mysalla ra ýüzleneliň. Ähtinden dönýänleriň, ýalançy-kezzaplaryň garşysyna göreşýän Mitra hudaýynyň şanyna aýdylýan gimnde Merwiň, Horez miň ady tutulýar. Gündogarşynas W.I.Awdiýew “Gadymy Gündogaryň taryhy” diýen kitabynda massagetleriň, saklaryň, pürsiýanlaryň baky oda hem mukaddes suwa çokunandyklaryny grek taryhçylarynyň aýdanlary bilen subut edýär. Grek ýazyjysy Strabon massagetleriň hudaý hökmünde diňe Güni ykrar edendiklerini ýazýar. Otparazlaryň mukaddes ody ilkinji sapar Horezminde ýakylypdyr. Ormuzd hudaýynyň Zerduşt bilen sataşan ýurdy Horezmindir. Zerduşt haý- ryň hudaýy Ormuzda ýüzlenýär.Ormuzd oňa Ardwini saplamagy

bu- ýurýar. Ardwi Amyderýany aňladýar.
Zerduştyň ýüzlenmesiniň manysy şeýle: “Eý, merhemetli, rowaç Ardwi-Sura, galplyklardan rüstem çykyp, janly-jandarlaryň ýaşaýan dünýäsini heläkçilige sezewar etmek maksady bilen Ahrimanyň ýara ny, döwüň tohumyndan dörän kuwwatly, mekir, hilegär, üç kelleli, üç agyzly, alty gözli ýylany- Dahakuwy (Aždarhany) ýeňer ýaly maňa rowaçlyk ber!”.
Gepiň gerdişine görä, bize golaý ýene iki fakty agzap geçeýin. “Awestada” zoroastrizmiň däbine görä, on bäş ýaş kämillik ýaş bolup, adam şoňa ýetende jemgyýetiň agzasy bolýandygy dabaraly bel lenilýär. Bilýän bolsaňyz, “Gorkut ata” eposynda-da on bäş ýaşa baran oglan özüne at dakylmagyna hukuk berýän edermenlik görkez- meli. Goýnuň ýüňüne busulyp, ýagyň elinden sypmak usuly “Awestada-da”, “Gorkut atada-da” beýan edilýär. Şeýle usula grek şahyry Gomeriň “Odisseýasynda-da” duş gelipdik.
Aždarha dolanalyň. Onuň ýaýrawynyň “Awestanyň” çäginden giňdigini, gadymydygyny subut edýän faktlar bar. Gadymy mifleriň käbirinde ýerasty dünýäniň hudaýy hökmünde mifiki ýylan görkezilýär. Suw hem onuň ygtyýarynda. Gadymy Müsürde yzgaryň hudaýy Tefnutyň kellesinde kepjebaş ýylanyň şekiliniň goýulmagy-da şol mif bilen baglydyr diýse bolar. Slawýanlaryň miflerinde ýylan suw- da ýaşaýar, ony goraýar, suwdan çykdygy güýjüni ýitirýär. “Mif we simwol” diýen kitapda ermenileriň, gruzinleriň geçmişde melgunyň (demonyň) keşbini öküziň, balygyň, esasanam ýylanyň şekilinde göz öňüne getirendikleri aýdylýar. Olar köplenç çeşme suwlary bilen baglapdyrlar. Başga halklaryň miflerinde edilişi ýaly, bu ýerde-de ýylan görnüşli melgun suwa eýelik edipdir, adamlar oňa gyzlaryny gurban bermäge mežbur bolupdyrlar. Eýýäm türkmen ertekilerinde gabat gelýän wakalar ýadyňyza düşen bolsa gerek. Şolardan biri hem, “Dul aýalyň ýeke ogly” diýen erteki. Ertekiniň gahrymany aýlanyp-dolanyp, uly şäheriň üstünden gelýär. Görse, şäherliler gara geýinip dirler. Oglan sebäbini soraýar. “Biziň şäherimiziň ortasyndan derýa geçýärdi. Indi onuň sakasynda bir aždarha ýatyr. Ilat şol aždarha her gün bir gyz berýärdi, aždarha gyzy iýjek bolup gobsunanda azajyk agyz suwy akyp gelýär. Indi şäherde gyz gutardy. Ertir aždarha patyşanyň

gyzyny eltip berjekler, adamlar gara geýnip ýas tutýarlar” diýýärler. Şondan soň oglan gidip aždarhany öldürýär, halky, patyşa- nyň gyzyny halas edýär.
Meşhur iňlis alymy, etnografçysy, dini öwreniji Jeýms Frezeriň dünýä belli “Altyn şaha” (“Zolotaýa wetw”) kitabynyň on ikinji babynda getirlen mysala üýzleneliň. Alym arap jahankeşdesi Ibn Battutyň melgun aždarha hem-de, oňa gurban berlen gyzlar hakyndaky hekaýasyny ýatlamak bilen, halk ertekilerine mahsus bu sýužetiň Gündogarda Ýaponiýadan başlap, Günbatarda Şotlandiýa çenli ýaýrandygyny aýdýar. Käbir alamatlarda tapawut bar diýäýmeseň, sýužetiň esasy ülňüsi meňzeş. Ýurt köp kelleli aždarhanyň sütemine du- çar bolýar, eger oňa yzygiderli gyz berlip durulmasa, ilat tutuşlygyna ýok ediljek. Ahyrky nobat patyşanyň gyzynyňky. Şoňa gezek gelende batyr gahryman peýda bolýar, ol köplenç halatda garyp gatlak- dan çykan ýigit. Ol aždarhany ýok edýär, patyşanyň gyzyna öýlenýär
Dünýä ýaýran bu sýužetiň türkmenlere-de bellidigini “Dul aýalyň ýeke ogly” diýen ertekiniň mysalynda gördük.

***
Ýylanyň zäheriniň köp ýerde dermandygy üçin medisinanyň emblemasynda oňa esasy orun berlendir diýip pikir edýäris. Emma bu pikir juda gönümel. Hakykatda emblemanyň düýbünde ýatan many has giň hem täsin. Muny “Mif we simwol” diýen kitaba salgylanyp tassyk etse-de bolar. Ýewropanyň hem Alynky Aziýanyň giňişliklerinde ýaşan halklar Zeminiň, onuň astyndaky, üstündäki suwlaryň hudaýyny ýylanyň keşbinde göz öňüne getiripdirler. Bu ynanç soňra dünýäniň beýleki ýerlerine-de ýaýrapdyr, simwolyň häsiýetinde, sypatynda belli bir üýtgeşmeler bolup geçýär. Hytaýlylar üçin ol aždarha görnüşine geçse-de, öňki gazaply häsiýetinde galýar, emma Hindistanda, Günorta-Gündogar Aziýada belli bolan Naga atly mifiki ýylana neolit döwrüne mahsus rehimsizlik berilmeýär. Ýerasty dünýä, zemindäki suwlar Naganyň ygtyýarynda, ýagyş ýagdyrýanam hazynalary goraýanam şol ýylan. Ol guşlar bilen duşmançylykda bolupdyr. Ýylany penjesiniň astyna alyp duran bürgüdiň giň ýaýran şekili- de şu ýerden gelip çykan.

Ýylan hudaýyň simwoly, oňa hormat goýupdyrlar, oňa danalyk ukyby berlipdir, baky hasap edilipdir, onda tebipçiligiň gudraty bar diýlipdir. Ýylan Zeminiň hudaýy bolany üçin ol güýjüň, saglygyň, bakylygyň simwolyna öwrülýär. Durmuşyň, ýaşaýşyň egsilmez hazynasy Zemine degişli. Zemin her ýyl gyş ukusyndan oýanyp, ýazda gal- kynýar, ýüzüni täzeleýär. Edil şoňa laýyklykda ýylanam gowuny taşlaýar. Ýylanyň sagaldyş ukybyna bolan ynanç ony lukmanlaryň howandaryna, tebipçiligiň gudratly belgisine öwürýär. Ýylanyň sagaldyş ukyby onuň ygtyýarynda bolan topraga-da, sywlara-da häsiýetli diýip düşünipdirler. Gan akyp duran ýarany bitirjek bolsalar, oňa gum sepipdirler. Bu ynanç türkmenlerde-de bar.
Töwratda beýan edilişine görä, ýylanyň akylyna mahsus inçe hiläniň sebäbine Adamata bilen How ene jennetden kowulýar, ýylan adamzadyň duşmany bolup galýar. Adama baky diriligiň berilmegi-ne ýylanyň päsgelçilik döredendigini alty müň ýyl ozal Mesopotamiýada täsin medeni siwilizasiýany döretmegi başaran şumerleriň Gilgameş hakyndaky poemasyny okanymyzda-da bilýäris. Ol atasynyň salgy bermegi bilen okeanyň düýbünden baky diriligiň otuny çykarýar, ýöne sähelçe seresapsyzlyk eden pursaty ýylan oty ogurlaýar. Bu pajygaly ýagdaýlara garamazdan, Musa pygamber onuň şekilini misden ýasamagy buýurýar, sebäbi ýylanyň hassalary sagaltmaga ukyplydygyna ynanypdyr.
Türkmen ertekilerinde, dessanlarynda lagly-merjeni, tükeniksiz hazynany eýeläp, gorap ýatan ažďarha duş gelse bolýar. Bu gadym zamanlarda dörän ynanç bilen bagly. Onuň sebäbini ýene ýylanyň hudaý hökmünde Zemine eýelik edendiginden gözlemeli. Gymmatbaha daşlar, magdanlar, hazynalar ýeriň göwsünde ýatyr, diýmek, olar ýylanyň emlägine degişli. Umuman, goramak, sakçylyk etmek ýylanyň paýyna düşýär diýip ynanylypdyr. Biziň günlerimizde-de Hindistanda öýleri goramagyň ýylanlara ynanylýandygy barada ýazylýar Şuňa meňzeşräk ynanjyň türkmenleriň arasynda-da dowam edýändigini bir mysal bilen delillendirse bolar. Biz tokaýly, jeňňelli öwülýä de uly ýylanyň gezýändigi barada mahabatlandyrylyp aýdylýan gürrüňleri häli-şindi eşiderdik. “Pylany görüpdir, ýylan

jeňňeli ýapyryp barýarmyş”-diýerdiler, emma ony öldüreliň diýmäge hiç kesiň dili barmazdy. Uly ýylan öwlüýäni goraýar diýen ynanç bardy. Grekler, litwalylar ýylanlarda merhumlaryň ruhy saklanýar diýip düşünipdir.

***

Çagakak gün ýaşan soň ýylanyň adyny tutmagy gadagan ederdiler, “şeýdäýseň gije ýataňda ýorganyňa girer”- diýip gorkuzardylar. “Ýylana” derek “gaýyş” diýmelidi, belki, meňzeşligi üçin gaýyş saýlanyp alnandyr? Eger gündiz ýoluňda ýylanyň yzy gabat geläýse, geçmezden öňünçä ony iki-üç öwre çyzyk bilen kesmelidi. Indi bilip ýörsek, bu yrymlaram örän gadymy ekeni. Ýylana iki hili garaýyş bar.
Ýewropada ol bir tarapdan rowaçlyk, beýleki tarapdan betbagtlyk getirýär diýlipdir. Ýewropada-da, Aziýada-da ýylanyň kesip geçen ýolundan sowlup gidilipdir. Türkmen halysyndaky, şaýlardaky gadymy S –şekiline tolkun görnüşiniň berilmegi-de ýöne ýerden däl. Bu şekil derýalaryň, suwlaryň belgisi. Ýylanyň hereketiniň bu forma meňzeşligindenem başga ol suwuň hem hudaýy.
Garaz, bu dünýäde tötänden dörän zat ýok ekeni !

Tirkiş JUMAGELDI. Edebi makalalar